# Essagpyrylla…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Essagpyrylla… ESSAGPYRYLLA…

Essagpyrylla, essagpyrylla,
Gözüm näme görmüş, Alla!
Gulagym näme eşitmiş,
Köşeşmek boldy hylalla.
Akyl diýip ýöreniň akmak bolupdyr.
Eleşany gömüpdik bir çukura,
Direlip ol misli tokmak bolupdyr.
Essagpyrylla,
Essagpyrylla.

Ýalan diýip ýöreniň “dogry” bolupdyr,
Ýaman diýip ýöreniň “Çagry” bolupdyr.
Togryl beg, Görogly, Jygalybeg ol,..
Pygamber saýanmyz “ogry” bolupdyr.
Essagpyrylla,
Essagpyrylla.

Gözüm görmüş nämeleri?
Erkekleriň göwsünde
Zömmerip dur mämeleri!
Essagpyrylla,
Essagpyrylla…

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular